# Gadyr gijesiniñ fazileti we ähmiýeti.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.

Sorag: Gadyr gijesiniñ fazileti we gadyr gijesine degişli aýatlar barada aýdyp bermegiñizi haýyşt edýärin?

Jogap: Allah Tagala gadyr gijesiniñ mertebesini beýgeltdi we ony gadyr gijesi diýip atlandyrdy. Ajalyñ, ryzkyñ we ýyl içinde bolup geşjek, ilähi işler bu gijede takdyr edilýänligi üçin hem bu gijä, gadyr gijesi diýilendir.

Allah Tagala bu barada şeýle diýýär: **"Ol gije ähli hikmetli işe, höküm beriler."** (Duhan 44/4)

Gadyr gijesiniñ Allah Tagalanyñ ýanyndaky derejesi we gadyr-gymmaty uly bolanlygy üçin hem gadyr diýlip, atlandyrylandygy aýdylýar. Allah Tagala bu gijäni mübärek gije diýip, atlandyrdy: **"Biz ony (Kurany) mübärek gijede indirdik...."** (Duhan 44/ 3)

Allah Tagala bu gijäniñ mertebesini şu aýaty bilen beýgeltdi: **"(Eý Muhammed sallallahu aleýhi we sellem), gadyr gijesiniñ nämedigini sen nirden bilersiñ? Gadyr gijesi müñ aýdan haýyrlydyr."** (Kadr 97/2-3)

Gadyr gijesinde edilen ybadat, içinde gadyr gijesi bolmaýan müñ aýlyk ybadata deñdir. Müñ aý, seksen üç ýyldan gowrak wagta gabat gelýär. Bu bolsa, gadyr gijesiniñ üstünligine yşarat edýändir. Şonuñ üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu gijä gabat geljek bolup, Ramazan gijelerini ybadat bilen geçirerdi we bu barada şeýle diýdi: **"Kim iman edip we sogabyny Allahdan garaşyp gadyr gijesini ihýa etse, (ýagny zikir, doga-dileg, ybadat bilen geçirse), Allah onuñ geçmiş günäleri bagyşlar."** (Ibn Mäje we başgalar)

Allah Tagala bu gijede perişdeleriñ we Ruhyñ (Jebraylyñ) inýändigini habar berýär. Bu bolsa ýene bir gezek onuñ derejesiniñ beýikligini we ähmiýetini görkezer. Çünki perişdeler diñe ähmiýetli we uly işler üçin inerler.

Soñra Allah Tagala ol gijäni şeýle wasp etdi: **"Ol gije dañ atýança aman-esenlikdir."** (Kadr 97/ 5)

Ony "seläm" aman-esenlik diýip, wasyplandyrdy. Bu wasyplandyrma hem onuñ mertebesine, haýryna we bereketine yşarat edýär. Bu gijäniñ haýryndan we bereketinden mahrum galan kişi uly haýyrdan mahrum boldugy bolar.

Bu aýdylanlar bu mübärek gijäniñ faziletidir. Emma Allah Tagala bu gijäni musulmanlar bütin Ramazan aýy boýunça gözlesinler we köp ybadat etsinler diýip, öz hikmeti bilen Ramazan aýynyñ gijelerinde gizländir. (Şonuñ üçin hem musulmanlar bu gijäniñ fazyletini ýitirmejek bolup) galan gijelerinde köp ybadat ederler we gadyr gijesiniñ faziletine, sogabyna gowuşarlar. Şeýdip iki haýry bir gezekde gazanarlar. Bu hem Allah Tagalanyñ bendelerine nesip eden lutfudyr.

Gysgaça bu gije beýik we mübärek gijedir. Allah Tagalanyñ Ramazan aýynda musulmanlara bagyş eden nygmatydyr. Haçanda musulmanlar bu gijäniñ gadryny bilip, bu gijede erjel bolsalar, uly sogaplary we başgada mätäç bolan köp haýyrlary gazanarlar.

Şeýh Salih bin Fewzan, Fetawa Nurun ale'd-Derb, sahypa 76-77

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.